# Agyrlygyň çägindäki rekord: Täze zelandiýaly gyz LEGO konstruktorynyň üstünden ýalaňaç aýak bilen 100 metr ylgady

Täze Zelandiýaly sportsmen Gabrielle Wall Ginnesiň rekordlar kitabyna girmegi başardy. Ol adaty bolmadyk we agyryly rekord goýdy — LEGO konstruktory bilen örtülen ýolda 100 metr ýalaňaç aýak bilen bary-ýogy 24,75 sekuntda ylgady. Bu ýaryş Canterbury şäherinde geçirildi we çydamlylygyň hakyky synagy boldy.

Finişden soň Gabrielle bu rekordy degişme bilen “ömrümdäki iň erbet aýak massažy” diýip atlandyrdy. Ol rekord üçin taýýarlyga noýabr aýynda başlady: aýakgap geýmekden ýüz öwürdi we çagalar basseýninde konstruktoryň bölekleriniň üstünde ýöremek bilen türgenleşdi.

Ýaryş tamamlanandan soň lukman onuň aýaklaryny barlady. Deriniň ýeňil zeperlenmeleri we üst gatlaklarynyň ýyrtylmalary bardy, ýöne agyr şikesler ýüze çykmady.

Все права защищены